# BANK HABARLARY
## БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

2021

TÜRKMENISTAN – PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANYŞMAGYŇ WATANY



**№2/2021**



Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2021-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna
### на 1 марта 2021 года

Aşgabat 2021

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

**BANK ULGAMY: GALTAŞYKSYZ TÖLEG TEHNOLOGIÝASY**
БАНКОВСКАЯ СИСТЕМА: БЕСКОНТАКТНАЯ ПЛАТЕЖНАЯ ТЕХНОЛОГИЯ
**3**

**DÖWREBAP BANK HYZMATLARY**
СОВРЕМЕННЫЕ БАНКОВСКИЕ УСЛУГИ
**7**

**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET DAŞARY YKDYSADY IŞ BANKYNYŇ GAZANAN NETIJELERI**
ДОСТИЖЕНИЯ ГОСУДАРСТВЕННОГО БАНКА ВНЕШНЕЭКОНОМИЧЕСКОГО ДЕЯТЕЛЬНОСТИ ТУРКМЕНИСТАНА
**10**

**MAÝA GOÝUM IŞINDE BANKLARYŇ ORNY**
РОЛЬ БАНКОВ В ИНВЕСТИЦИОННОЙ ДЕЯТЕЛЬНОСТИ
**14**

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
**19**

**TABLISALAR**
ТАБЛИЦЫ
**21**

## KADALAŞDYRYJY HUKUKNAMALAR / НОРМАТИВНО-ПРАВОВЫЕ АКТЫ

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2014-nji ýylyň 4-nji iýulynda çykaran 281-iş belgili buýrugy bilen tassyklanylan Karz edaralarynda pulhana amallaryny ýöretmegiň tertibi barada Düzgünnama üýtgetmeler girizmek hakynda**
**34**

# BANK ULGAMY: GALTAŞYKSYZ TÖLEG TEHNOLOGIÝASY

Galtaşyksyz töleg ulgamy – degişli bank kartlarynyň ýa-da ykjam telefonlarynyň (enjamlaryň) tölegi kabul ediji enjamyň (töleg terminalynyň, «QR kod» okaýjynyň) golaýyna tutulyp (galtaşdyrylmazdan), bir basyş arkaly PIN-kody girizmezden haryt we hyzmatlar üçin ýerine ýetirilýän tölegiň görnüşi hasaplanylýar.

Häzirki wagtda galtaşyksyz tölegler «RFID» we «NFC» tehnologiýalary arkaly işleýär. RFID – iňlis dilindäki «Radio Frequency Identification» adalgasynyň gysgaltmasy bolup, enjamlaryň radio tolkunlaryň üsti bilen ýerine ýetirilmegine (işlemegine) düşünilýär. RFID tehnologiýasynda okaýjy we maglumat saklaýjy enjamlar (transponder, RFID bellik) ulanylýar. Muňa mysal hökmünde töleg terminalyny okaýjy enjam, bank kartlaryndaky çipleri bolsa maglumat saklaýjy enjam hökmünde görkezmek bolar.

NFC – iňlis dilindäki «Near field communication» adalgasynyň gysgaltmasy bolup, RFID tehnologiýasy esasynda döredilen, «ýakyn aralykdaky galtaşyksyz aragatnaşyk» diýlen manyny berýär. Bu tehnologiýa esasan hem döwrebap ykjam telefonlarynda ulanylýar. Muňa mysal hökmünde töleg terminalyny okaýjy enjam, ykjam telefonlaryny bolsa töleg ediji enjam hökmünde görkezmek bolar.

Galtaşyksyz tölegleri ýerine ýetirmek üçin galtaşyksyz işleýän ýörite töleg terminaly we galtaşyksyz tölegler niýetlenen ýörite bank kartlary ýa-da NFC tehnologiýaly mobil programma üpjünçiligi bolan ykjam telefony zerur bolup durýar.

Bank kartlarynda galtaşyksyz tehnologiýasy üçin niýetlenen çip we töleg terminalynyň ara-

# Банковская система: бесконтактная платежная технология

Бесконтактная платежная система считается одним из видов платежа за товары и услуги, выполняемым (бесконтактным) поднесением соответствующих банковских карт или мобильных телефонов (устройств) к платежеприемному оборудованию (платежному терминалу, считывателю «QR кода») без введения ПИН-кода.

В настоящее время бесконтактные платежи работают через технологии «RFID» и «NFC». RFID – сокращение английского термина «Radio Frequency Identification, радиочастотная идентификация», под которым понимается работа устройств посредством радиоволн. В технологии RFID используются считывающие устройства и транспондеры (они же RFID-метки). В качестве считывающего устройства можно показать платежные терминалы, а носителя информации – чипы в банковских картах.

NFC – аббревиатура английского термина «Near field communication», означающего «бесконтактная связь на близком расстоянии», возможная на основе технологии RFID. Данная технология, в основном, используется на современных мобильных телефонах. В качестве считывающего устройства можно показать платежный терминал, а в качестве оплачивающего устройства – мобильные телефоны.

Для осуществления бесконтактных платежей необходимы специальный платежный терминал, работающий бесконтактно, а также специальные банковские карты, предназначенные для бесконтактных платежей или мобильный телефон с

gatnaşygyny üpjün etmek üçin kiçiräk «antenna» oturdylýar. Ykjam telefonlaryndan peýdalanylanda bolsa, bank kartynyň maglumatlary töleg programmalaryna girizilýär we harytlar we hyzmatlar üçin tölegler ykjam telefonyň NFC ulgamynyň üsti bilen ýerine ýetirilýär.

Galtaşyksyz kartlar we NFC tehnologiýaly ykjam telefonlar töleg terminaly bilen 0-10 sm aralyk uzaklykda işleýär. Şol bir wagtyň özünde PIN-kody girizmek hem-de gol çekmek zerurlygy aradan aýrylýar. Bu görnüşli tölegleriň mukdarynyň çägi emitent-banklar tarapyndan kesgitlenilýär.

Daşary ýurt tejribesine görä, agzalan çäklendirmeler her ýurda görä üýtgeýär. Bank kartlary arkaly ýerine ýetirilýän galtaşyksyz töleg mukdarlarynyň bellenen çägi bank kartynyň we bank kartyndaky pul serişdeleriniň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin kesigitlenilýär.

Galtaşyksyz tölegler ilkinji gezek 1995-nji ýylda Günorta Koreýanyň Seul şäherinde ulanylyp başlanylýar. Seulyň awtobus ulaglary birleşigi tarapyndan ýol hyzmatlaryň hasaplaşygy üçin müşderilere «Upass» atly galtaşyksyz kartlary hödürlenýär hem-de 1996-njy ýylda doly işe girizilýär. 1997-nji ýylda «ExxonMobil» kompaniýasy müşderilerine galtaşyksyz tehnologiýasynda işleýän «Speedpass» atly kiçiräk açarjygy hödürleýär. Sürüjiler bank kartlarynyň maglumatlaryny degişli kompaniýa tarapyndan berilýän ýörite «Speedpass» atly kiçiräk açarjyga girizip, ýangyç beketlerinde awtoulaglaryň ýangyjy üçin tölegi ady agzalan açarjygy ýörite enjamyň golaýyna tutup ýerine ýetiripdirler. «ExxonMobil» ýaly birnäçe iri kompaniýalar häzirki günde hem şeýle hyzmatlaryny raýatlara hödürleýär.

Ykjam (telefonlar) enjamlar arkaly galtaşyksyz tölegler ilkibaşda tekstler (SMS habarlar) arkaly ýerine ýetirilýän eken. Mysal hökmünde, 1997-nji ýylda «Coca cola» kompaniýasy öz söwda enjamlarynda tölegi ykjam telefondan tekst ibermek arkaly kabul edipdir, şeýle-de şol ýylda käbir banklar tarapyndan «Mobil-bank» hyzmaty hödürlenip başlandy.

мобильным программным обеспечением с NFC технологией.

В банковских картах устанавливается чип, предназначенный для бесконтактной платежной технологии, и небольшая «антенна» для обеспечения связи платежного терминала. А при использовании мобильных телефонов данные банковской карты вводятся в платежные программы и платеж за товары и услуги производится через NFC систему мобильного телефона.

Бесконтактные карты и мобильные телефоны с NFC технологией работают с платежным терминалом на расстоянии от 0 до 10 см. При этом устраняется необходимость ввода ПИН-кода и подписи. Лимит таких видов платежей устанавливается банками-эмитентами.

Как показывает зарубежный опыт названные ограничения меняются в каждой стране. Лимит бесконтактных платежей, выполняемых банковскими картами, устанавливается для обеспечения безопасности банковской карты и денежных средств на ней.

Бесконтактные платежи впервые начинают использоваться в 1995 году в городе Сеул Южной Кореи. Сеульским объединением автобусного транспорта клиентам для расчета за дорожные услуги предлагаются бесконтактные карты «Upass», которые в 1996 году полностью вводятся в оборот. В 1997 году компания «ExxonMobil» предлагает своим клиентам небольшой ключ «Speedpass», работающий на бесконтактной технологии. Водители, введя данные банковских карт в специальный ключик «Speedpass», предоставляемый соответствующей компанией, осуществляли платеж за бензин автомобиля на заправочных станциях, преподнося указанный ключик к специальному устройству. Крупные компании как «ExxonMobil» до сих пор предлагают гражданам такие услуги.

Изначально бесконтактные платежи через мобильные устройства выполнялись через тексты (СМС сообщения). Например,

Galtaşyksyz tölegleriň ýene bir görnüşi «QR kod» tehnologiýasy arkaly ýerine ýetirilýän töleglerdir. Bu tehnologiýanyň üsti bilen tölegler ýörite QR kody, ýagny «dessin tassyklanylýan kody» skanirlemek arkaly ýerine ýetirilýär. Tölegiň bu görnüşi üçin kameraly ykjam enjamy we skanirlemek üçin programma üpjünçiligi zerur bolup durýar. Bank kartlarynyň maglumaty ykjam enjamdaky programma üpjünçiligine birikdirilýär.

Dünýä tejribesinde galtaşyksyz tölegler esasan hem köp adamly ýerlerde we hyzmatyň tiz talap edilýän ýerlerinde ulanylýar: ulaglarda, dükanlar we bazarlarda, naharhanalarda, ýangyç guýujy beketlerde we ş.m.

Bank kartlarynyň beýleki görnüşleri arkaly ýerine ýetirilýän tölеglere görä, galtaşyksyz töleg tehnologiýasy ilatyň wagtyny tygşytlaýar, nobatlaryň döremeginiň öňüni alýar we nagt däl hasaplaşyklary netijeli ulanmaga ýeňillik döredýär.

Galtaşyksyz tölegleriň amatly taraplaryna:

- hasaplaşykaryň çalt ýerine ýetirilmegi we wagtyň tygşytlanmagy;
- bank kartyny ulanmak we ýanyňda saklamak zerurlygynyň aradan aýrylmagy;
- ýerine ýetirilýän tölegleriň howpsuz bolmagy;
- bank kartynyň bankomatda galmak töwekgelçiliginiň aradan aýrylmagy we beýlekileri görkezmek bolar.

Galtaşyksyz ýerine ýetirilýän tölegleriň bolup biläýjek oňaýsyz taraplaryna mysal hökmünde hyzmatyň kiçi mukdardaky tölеglere niýetlenilýändigi üçin PIN-kody girizmezden tölegleri amala aşyrylýandygy sebäpli, kesekiler tarapyndan bank kartyndan pul serişdeleriniň ogurlanmak töwekgelçiliklerini döredýär.

Ýokarda agzalan ýagdaýlar göz öňünde tutulyp, kartyň emitent-banky tarapyndan galtaşyksyz tölegler üçin gündelik çäklendirmeler goýulýar. Mysal üçin, belli mukdara çenli PIN-kody girizmezden we karty (ykjam enjamy) töleg kabul ediji enjama golaýyna tutup tölegi ýerine ýetirip bolýar. Haçan-da töleg mukdary goýlan çäklendirmeden geçse, PIN-koduň giri-

компания «Coca cola» на своем торговом оборудовании платёж принимала путем направления текста с мобильного телефона, в том же году некоторыми банками стала предлагаться услуга «Мобильный банк».

Ещё одним видом бесконтактных платежей являются платежи, выполняемые с помощью технологии «QR код». Через эту технологию платежи осуществляются сканированием специального QR кода, т.е. моментально подтверждаемого кода. Для данного вида платежа необходимы мобильное устройство с камерой и программное обеспечение для сканирования. Данные банковских карт подсоединяются к программному обеспечению на мобильном устройстве.

В мировой практике бесконтактные платежи используются, в основном, в многолюдных местах и там, где оказание услуг требуется очень быстро: в транспорте, магазинах и на рынках, столовых, заправочных станциях и т.п. По сравнению с платежами, выполняемыми с использованием других видов банковских карт, бесконтактная платежная технология экономит время населения, предупреждает возникновение очередей, создает удобства в эффективном использовании безналичных платежей.

К выгодным сторонам бесконтактных платежей относятся:

- быстрое выполнение расчётов и экономия времени;
- устранение необходимости использования банковской карты и хранения её с собой;
- безопасность выполняемых платежей;
- устранение риска заглатывания карты банкоматом и др.

В качестве примера неблагоприятной стороны бесконтактных платежей можно показать риск кражи посторонними денежных средств с банковской карты, так как эта услуга рассчитана на небольшие платежи и они осуществляются без ввода ПИН-кода.

С учётом вышеуказанного банком-эмитентом карты устанавливаются ежедневные ограничения для бесконтактных платежей.

zilmegi talap edilýär.

Galtaşyksyz ulgamy arkaly işleýän bank kartlarynyň we töleg terminallaryň üstünde ýörite şekiljik ýerleşdirilýär.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, galtaşyksyz tehnologiýalaryň birnäçe görnüşleri bar. Olaryň esasy häsiýetnamalarynyň deňeşdirmesini aşakdaky jetwelde görmek bolar.

| № | Häsiýetnama | Galtaşyksyz töleg görnüşleri | | |
|---|---|---|---|---|
| | | bank kartlary arkaly | NFC - iň kömegi bilen ykjam telefon arkaly | “QR kod” arkaly |
| 1 | Töleg edilende bank kartynyň zerurlygy | Zerur | Zerur däl | Zerur däl |
| 2 | Ykjam enjama talaplylyk | - | Soňky çykan NFC tehnologiýaly “akylly” ykjam enjamlar | Islendik, kamerasynyň hili gowy bolan “akylly” ykjam enjamlar |
| 3 | Goşmaça programma üpjünçiligini gurnamak zerurlygy | - | Zerurlygy ýok | “QR kod”-y skanirlemek üçin programma üpjünçiligi |
| 4 | Bank kartyň ýitmek, tiz könelişmek töwekgelçiligi | Bar | Ýok | Ýok |
| 5 | Tölegiň ýerine ýetirilişi | degişli töleg terminalynyň golaýyna tutmak | | “QR kod”-y skanirlemek |
| 6 | Goraglylygy | gündelik töleg çägi girizilýär | | Uzak aralykdan hem skanirlemek mümkin |
| 7 | Wagtyň tygşytlylygy | degişli töleg terminalynyň golaýyna tutmak arkaly birnäçe sekunt | | Skanirlemek üçin talap edilýän wagt |
| 8 | Goşmaça talaplar | Tölegiň mukdary kesgitlenen gündelik çäkden geçse PIN-kody girizmek zerurlygy | | Yşyk gowy bolmaly, ykjam enjamyň kamerasynyň hili gowy bolmaly |

Häzirki wagtda galtaşyksyz bank kartlary ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan hem dolanyşyga goýberilip başlandy. Mysal hökmünde, «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň, «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň bank kartlaryny, şeýle hem Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň «Visa», «MasterCard» halkara bank kartlaryny görkezmek bolar. Bank kartlarynyň ählisiniň ýüzünde «Galtaşyksyz şekiljigi» ýerleşdirilen. Galtaşyksyz bank kartlaryny ulanyşa goýbermeklik ýurdumyzyň beýleki karz edaralary tarapyndan hem meýilleşdirilýär.

Bu işleriň ählisi halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmek ugrunda uly tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen ynsanperwer ýörelgesiniň durmuşymyzyň ähli ugurlarynda öz beýanyny tapýandygyna şaýatlyk edýär.

**Ata MAHMUDOW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bölüm başlygy

Например, до определенной суммы платеж можно осуществлять без ввода ПИН-кода, поднося карту (мобильное устройство) к принимающему платёж аппарату. Если сумма платежа превышает лимит, процесс платежа требует ввода ПИН-кода.

На банковских картах и платежных терминалах, работающих на основе бесконтактной системе размещается значок.

Как мы отмечали выше, есть несколько видов бесконтактных технологий. Сравнение их основных характеристик можно увидеть на следующей таблице.

| № | Характеристика | Виды бесконтактных платежей | | |
|---|---|---|---|---|
| | | Путём банковских карт | Через мобильный телефон (устройство) с помощью NFC | Путём «QR кода» |
| 1 | Необходимость банковской карты при совершении платежа | Необходима | Не необходима | Не необходима |
| 2 | Требование к мобильному устройству | - | «Умные» мобильные устройства с новейшей NFC технологией | Любые «умные» мобильные устройства |
| 3 | Необходимость установки дополнительного программного обеспечения | - | Необходимость отсутствует | Программное обеспечение для сканирования «QR кода» |
| 4 | Риск утери, быстрого износа банковской карты | Имеется | Отсутствует | Отсутствует |
| 5 | Выполнение платежа | Преподнесение к соответствующему платежному терминалу | | Сканирование «QR кода» |
| 6 | Защищенность | Устанавливается ежедневный лимит платежа | | Возможно сканирование с дальнего расстояния |
| 7 | Экономия времени | Несколько секунд путем преподнесения к соответствующему платежному терминалу | | Время, которое требуется для сканирования |
| 8 | Дополнительные требования | Необходимость ввода ПИН-кода в случае если сумма платежа превысит лимит | | - |

В настоящее время бесконтактные банковские карты начали запускаться в оборот и кредитными учреждениями страны. В качестве примера можно показать банковские карты АКБ «Сенагат», АКБ «Рысгал», а также международные банковские карты «VISA» Государственного банка внешнеэкономической деятельности Туркменистана. На всех этих банковских картах распологается значок «бесконтактная». Другие кредитные учреждения страны также планируют ввести бесконтактные банковские карты в оборот.

Вся эта работа свидетельствует о торжестве гуманного принципа «Государство для человека!», провозглашенного Героем Аркадагом, прилагающим неустанные усилия для обеспечения благополучной жизни народа.

**Ата МАХМУДОВ,**
начальник отдела Центрального банка Туркменистана

# DÖWREBAP BANK HYZMATLARY

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda, ýurdumyzyň ähli ykdysady pudaklary bilen bir hatarda bank ulgamynda hem giň gerimli özgertmeler amala aşyrylýar.

Häzirki döwürde bank ulgamynda sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan giň gerimli işler milli töleg ulgamynyň mümkinçiliklerini giňeltmäge, raýatlarymyza köp ugurly amatlyklary döredýän bank hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmaga, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, ahyrky netijede bolsa, mähriban halkymyzyň hal-ýagdaýyny has-da gowulanmagyna ýardam eder.

«Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň» çäreleriniň durmuşa geçirilmegi netijesinde ýurduň ykdysadyýetini, şol sanda bank ulgamyny sanlylaşdyrmaga giň mümkinçilikler döredýär. Ykdysadyýetiň sanlylaşdyrylmagynyň maksady bolsa ilatyň we hojalyklaryň ösýän isleglerini ýokary derejede we doly kanagatlandyrmaga gönükdirilendir.

Ýurdumyzyň karz edaralary ylmyň soňky gazanan üstünliklerini we döwrebap usullaryny peýdalanyp, raýatlarymyza bank kartlarynyň üsti bilen amala aşyrylýan nagt däl hasaplaşyklaryň giň mimkinçiliklerini hödürleýär. Nagt däl hasaplaşyklaryň giňden ulanylmagy we bank kartlarynyň hyzmatlarynyň köpeldilmegi milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşine hem amatly täsirini ýetirýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralary

# Современные банковские услуги

В эпоху могущества и счастья под мудрым руководством уважаемого Президента наряду со всеми отраслями экономики страны в банковской системе также осуществляются широкомасштабные преобразования.

В настоящее время проводимая широкомасштабная работа по внедрению цифровых технологий в банковскую систему, окажет положительное влияние на возможностей национальной платежной системы, увеличение банковских услуг, создающих многопрофильные удобства для граждан, повышение конкурентоспособности банков, а в конечном итоге на дальнейшее улучшение благосостояния народа.

В результате реализации мероприятий «Концепции по развитию в Туркменистане цифровой экономики на 2019-2025 годы» создаются широкие возможности для цифровизации экономики страны, в том числе банковской системы. А цель цифровизации экономики направлена на полное и высококачественное удовлетворение растущего спроса населения и хозяйств.

Кредитные учреждения страны, пользуясь последними достижениями науки и современными технологиями, предлагают гражданам широкие возможности безналичных расчетов, осуществляемых посредством банковских карт. Широкое использование безналичных расчетов и увеличение услуг банковских карт также оказывает положительное влияние на стабильное развитие национальной экономики.

В настоящее время кредитными учреждениями страны систематически делаются

tarapyndan raýatlarymyza döwrebap, kämil derejede hyzmat etmek, geçirilýän hasaplaşyklary tizleşdirmek, nagt pul dolanyşygynyň mukdaryny ep-esli azaltmak maksady bilen dürli görnüşli bank kartlaryny ýasamak, oňa hyzmat etmek işine yzygiderli maýa goýum serişdeleri goýulýar, ilata «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Galtaşyksyz töleg» ulgamlary arkaly ýerine ýetirilýän amallaryň sany artdyrylýar, hili ýokarlandyrylýar.

Karz edaralary tarapyndan berilýän dürli görnüşli karzlaryň esasy bergilerini gaýtarmak we olara hasaplanan göterimleri tölemek, aragatnaşyk hyzmatlary üçin tölenýän tölegleri tiz we amatly usulda tölemek ýaly hyzmatlary ýerine ýetirmek üçin «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary uly ähmiýete eýedir.

Hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary bilen milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklaryna täze sanly innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmagyň netijesinde Türkmenistanyň degişli karz edaralary «Türkmendemirýollary», «Türkmenawtoulaglary» hem-de «Türkmenhowaýollary» agentlikleri bilen bilelikde bank kartlaryny ulanyp, demirýol, howaýol peteklerini hem-de şäherara ugurlarda gatnaýan awtobuslarda petekleri internet ulgamynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde satyn almak mümkinçiligi döredildi.

«Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini tizleşdirmäge, netijede ilatyň gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlama-



инвестиции в работу по следующие направления: обслуживание граждан на совершенном и современном уровне, ускорение проводимых расчетов, выпуск различного вида банковских карт в целях значительного уменьшения объема наличного денежного оборота. Также увеличивается количество и повышается качество операций, выполняемые посредством систем «Интернет-банк», «Мобильный-банк», «Электронной торговли» и «Бесконтактных платежей».

Услуги «Интернет-банк», «Мобильный-банк» имеют важное значение для выполнения таких услуг как возврат основного долга по кредиту, предоставляемых кредитными учреждениями и начисленных по ним процентов оплата услуг связи быстрым и удобным способом.

В результате внедрения новых цифровых технологий в различные отрасли экономики великими инициативами уважаемого Президента соответствующие кредитными учреждениями Туркменистана совместно с агентствами «Туркмендемирёллары», «Туркменавтоулаглары» и «Туркменховаёллары», созданы возможности покупки железнодорожных билетов и билетов междугородних автобусов в безналичном виде, используя банковские карты.

Услуги «Интернет-банк» и «Мобильный-банк» дают возможность для удовлетворения спроса клиентов на банковские операции и услуги, ускорения денежных переводов, в итоге экономии времени и средств населения. В настоящее время владельцы банковской карты «Алтын асыр» могут самостоятельно подключить банковские карты к услуге «Интернет-банк» через интернет-сайт своего обслуживающего банка.

В целях расширения спектра безналичных расчетов, пользуясь возможностями, созданными уважаемым Президентом акционерный коммерческий банк Туркменистана «Халкбанк» внедрил новую услугу под названием «Халкбанк терминал».

ga mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda «Altyn asyr» bank kartynyň eýelerine öz hyzmat edýän banklarynyň internet sahypalary arkaly bank kartlaryny «Internet-bank» hyzmatyna özbaşdak birikdirip bilýär.

Hormatly Prezidentimiziň döredip berýän mümkinçiliklerinden peýdalanyp nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek maksady bilen Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky «Halkbank terminal» atly täze hyzmaty ornaşdyrdy. «Halkbank terminal» - döwrebap, ygtybarly tehnologiýalaryň esasynda taýýarlanan hem-de nagt däl hasaplaşyklarda ulanylýan adaty töleg terminalynyň ornuny tutýan mobil programma üpjünçiligi bolup durýar. Bu hyzmat söwda we hyzmat ediş nokatlarynda töleg terminallarynyň eýeleriniň öz müşderilerine sanly ulgamda galtaşyksyz, goragly esasda hyzmatlary ýerine ýetirmäge döredilýän nobatdaky mümkinçilik bolup durýar.

«Halkbank terminal» mobil ulgamy ykjam telefona gurnalmak bilen, harytlar we hyzmatlar üçin tölegleri kabul etmek, amaly ýatyrmak ýa-da yzyna gaýtarmak, kassany ýapmak we söwdanyň jemi möçberini çykaryp görkezmek, amallaryň taryhyny görmek ýaly hyzmatlardan peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun! Il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Annajemal PIRNEPESOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky
Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň talyby

«Халкбанк терминал» – является мобильным программным обеспечением, подготовленным на базе современных, надежных технологий, заменяющий обычный платежный терминал, используемый в безналичных расчетах. Данная услуга является очередной возможностью для выполнения услуг владельцами платежных терминалов в торговых и обслуживающих точках на бесконтактной, защищенной основе в цифровой системе.

Установка на телефон мобильной системы «Халкбанк терминал», дает возможность пользоваться такими услугами как прием платежей за товары и услуги, аннулирование или возврат операции, закрытие кассы и вывод общей суммы торговли, просмотр истории операций.

Желаю крепкого здоровья и долголетия нашему Уважаемому Президенту, успехов в его неустанном труде за благополучие и счастливой жизни нашего народа! Пусть его благородный труд во имя народа, общечеловеческого развития принесет еще больших успехов!

**Аннаджемал ПИРНЕПЕСОВА,**
студентка Специализированной банковской
школы имени Героя Туркменистана А.Ниязова
Центрального банка Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET DAŞARY YKDYSADY IŞ BANKYNYŇ GAZANAN NETIJELERI

2021-nji ýylyň ýanwar aýynda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň döredilenine 29 ýyl doldy. Bank hereket edip gelýän otuz ýyla golaý döwrüniň dowamynda üstünlikleriň uly toplumyny gazandy we özüni ygtybarly maliýe instituty hem-de halkara hyzmatdaş hökmünde tanatdy. Munuň aýdyň subutnamasy hökmünde bankyň Beýik Britaniýanyň «Financial Times» neşirine degişli «The Banker» žurnaly tarapyndan 14 gezek «Ýurduň iň gowy banky» diýlip yglan edilendigini görkezmek bolar.

2020-nji ýylda bankyň sap girdejisiniň ösüşi 4,9% deň boldy, hususy maýasy 27,1% golaý ýokarlandy.

Bank milli ykdysadyýetiň strategiki pudaklarynda maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýar. Milli ykdysadyýetimizi düýpli özgertmek hem-de ýurdumyzyň ykdysady taýdan ösmegini üpjün etmek maksady bilen, milli Liderimiziň başyny başlan giň gerimli maýa goýum maksatnamasyny amala aşyrmak boýunça döwletimiziň halkara bazaryndaky agenti hökmünde çykyş edýär. Bank tarapyndan daşary ýurt maýa goýumlaryny milli ykdysadyýetimize çekmek babatda daşary ýurt maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlygyň baý tejribesi toplanyldy. Hyzmatdaşlygyň esasyny düzýän ýörelgeler hökmünde bilelikdäki taslamalaryň ykdysady täsirliligi, olaryň jemgyýetçilik ähmiýeti we taslama gatnaşyjylaryň netijeli hem-de dowamly üstünlik gazanmak üçin has täsirli gurallar babatdaky gözlegleri çykyş edýär.

Milli ykdysadyýetimiziň strategik pudaklarynyň döwlet kärhanalary, dünýäniň öňdebaryjy daşary ýurt korporasiýalary we hususy

# Достижения Государственного банка Внешнеэкономического деятельности Туркменистана

В январе 2021 года Государственный банк внешнеэкономической деятельности Туркменистана отметил свое 29-летие. За почти три десятка лет своего существования Банк добился значительных успехов и зарекомендовал себя как надежный финансовый институт и международный партнер. Доказательством этого можно отметить тот факт, что банк является 14-кратным обладателем звания лучшего банка страны по версии британского журнала «The Banker» издания «Financial Times».

В 2020 году рост чистой прибыли составил 4,9%, а собственный капитал увеличился до 27,1%.

Банк принимает активное участие в реализации инвестиционных проектов в стратегических отраслях национальной экономики. Реализация масштабной инвестиционной программы, инициированной Лидером нации с целью коренного реформирования национальной экономики и обеспечения экономического процветания Туркменистана, является одним из ключевых направлений в работе банка, выступающего в качестве агента Туркменистана на международных рынках капитала. В области привлечения иностранных кредитов в национальную экономику Банком накоплен уникальный опыт сотрудничества иностранными финансовыми организациями. Основополагающими принципами этого взаимодействия выступают экономическая эффективность совместных про-

kompaniýalar bankyň müşderileriniň esasyny düzýär.

Soňky ýyllarda Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň ýurtlarynyň, esasan hem Ýaponiýanyň, Koreýa Respublikasynyň, Hytaýyň, Singapuryň we beýleki döwletleriň öňdebaryjy maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk işjeň häsiýete eýe boldy. Netijeli hyzmatdaşlygyň aýdyň mysaly hökmünde ýangyç-energetika, ulag-aragatnaşyk we beýleki ugurlar boýunça durmuşa geçirilen halkara ähmiýetli taslamalary ýatlap bileris.

Mundan başga-da Yslam ösüş banky, OPEK gaznasy we Saud ösüş gaznasy bilen işjeň hyzmatdaşlygyň netijesinde birnäçe jemgyýetçilik ähmiýetli taslamalar maliýeleşdirildi. Türkmenistanyň dünýä bazaryna gönükdirilen eksport ugurly iň iri energiýa geçirijileriniň biri bolan «Türkmenistan-Owganystan-Päkistan-Hindistan» gaz geçirijisiniň Türkmenistanyň çägindäki bölegini maliýeleşdirmek üçin Yslam Ösüş banky 700 mln amerikan dollary möçberindäki, Saud Ösüş Gaznasy 100 mln amerikan dollary möçberindäki maliýe ylalaşyklaryna Türkmenistanyň Hökümeti bilen gol çekdiler.

Ýurdumyzyň ykdysadiýetine çekilen serişdeleriniň hasabyna gönükdirilen daşary ýurt maýa goýumlar pudaklar boýunça bölünende nebit-gaz senagaty 58%, himiýa senagaty 17%, ulag we aragatnaşyk 9%, oba hojalygy 11%, energetika 4%-ini tutýar.

Türkmenistanda wajyp taslamalaryň amala aşyrylmagyna gönükdirilýän daşary ýurt maýa goýum serişdeleriniň umumy möçberinde Ýaponiýa 43% degişlidir. Koreýa Respublikasy 20% bilen ikinji orunda durýar. Soňra Hytaý, Germaniýa, Saud Arabystany we ABŞ-lary ýaly ýurtlar bar.

Bankyň hyzmatdaşlar üçin ygtybarlylygyny bahalandyrmakda esasy görkezijiler bolan açyklyk we aýdyňlyk halkara derejesindäki maliýe hasabatlylygynyň ornaşdyrylmagy bilen üpjün edilýär. Bank ýurdumyzda ilkinji bolup, 2019-njy ýylyň netijeleri boýunça bankyň maliýe hasabatlary halkara standartlarynyň «Maliýe gurallary» atly 9-njy standartynyň

ектов, их социальная значимость и поиск наиболее действенных инструментов для достижения прочного и долгосрочного успеха всех участников.

Ядро корпоративных клиентов Банка составляют государственные предприятия стратегических отраслей нашей экономики, ведущие мировые иностранные корпорации, преуспевающие частные компании.

В последние годы особенно активизировались контакты с ведущими финансовыми структурами стран Азиатско-Тихоокеанского региона, в частности, Японии, Республики Корея, Китая, Сингапура и т.д. Яркими примерами продуктивного сотрудничества служит ряд уже реализованных и воплощаемых в жизнь проектов международного значения в сфере ТЭК, транспортно-коммуникационном секторе и т.д.

Помимо этого, в результате активного сотрудничества с Исламским банком развития, Фондом ОПЕК и Саудовским фондом развития были профинансированы ряд социально значимых проектов. Правительство Туркменистана подписало финансовый договор с Исламским банком развития на 700 млн. долларов США и с Саудовским фондом развития на 100 млн. долларов США для финансирования проекта туркменской части газопровода «Туркменистан-Афганистан-Пакистан-Индия», одного из крупнейших экспортных направлений энергоносителей Туркменистана на мировые рынки.

Иностранные инвестиционные средства, внесённые в экономику страны в делении по отраслям занимают 58% в нефтегазовой промышленности, 17% в химической промышленности, 9% в транспорте, 11% в сельском хозяйстве, 4% в энергетике.

Японии принадлежит 43% общего средства иностранной инвестиции, направленных на реализацию важных проектов в Туркменистане. Республика Корея стоит на втором месте с 20%. Следом идут стра-

täze görnüşine laýyklykda işlenip taýýarlanyldy. Şeýle hem kiberhowpsuzlygy üpjün etmek we döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Mundan başga-da, dünýädäki häzirki ýagdaýy göz öňünde tutup, halkara çökgünlik sebäpli, tölegleri geçirmekde kynçylyk çeken müşderilere karz bermegiň tertibi täzeden gözden geçirildi. Şeýle hem kompaniýalara adatdan daşary ýagdaýlara garamazdan, önümçiligi dowam etdirmek maksady bilen, aýlyk zähmet haklaryny tölemek hem-de ulanyş çykdajylaryny goldamak üçin amatly şertler döredildi.

Bankyň edara görnüşli taraplar we hususy müşderiler üçin täze hyzmatlary yzygiderli hödürleýär. Olaryň hatarynda «Internet-bank» hyzmatyny, bankyň müşderilerine bank seýflerini kärendesine bermek hyzmatyny, kiçi we orta kärhanalar üçin kiçi göwrümli karzlaryny görkezip bolar.

Müşderiler eýýäm bank kart ulgamy boýunça owerdraft karzy hem-de karz almak üçin onlaýn-arza boýunça amatlyklar ýaly täze hyzmatlara baha bermek mümkinçiligine eýe boldular, şol hyzmatlar banka barmak zerurlygyny aradan aýyrýar. Şeýle hem bank «Milli Visa» nyşanly bank kartyny işe girizdi, ol galtaşyksyz tölegleri amala aşyrmak ýaly mümkinçilikleri girizmek bilen, milli töleg ulgamyny halkara töleg ulgamlaryna kybap getirmäge niýetlenendir. Şeýle-de, nagt däl hasaplaşyklary has-da giňeltmek, töleg işini ýeňilleşdirmek hem-de onlaýn-söwda arkaly harytlaryň we hyzmatlaryň mukdaryny artdyrmak maksady bilen, bank täze «Elektron söwda» hyzmatyny işe girizdi. «Elektron söwda» - harytlaryň we hyzmatlaryň internet ulgamynyň üsti bilen hakyky wagt tertibinde ýerlenilmegidir. «Elektron söwda» hyzmaty hem ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan durmuşa ornaşdyrylýar. Bu hyzmata islegiň artmagy netijesinde nagt däl hasaplaşyk geçirmek arkaly elektron usulda täjirçilik işini alyp barýan telekeçileriň sany günsaýyn artýar.

ны как Китай, Германия, Саудовская Аравия и США.

Прозрачность и объективность, являющиеся критериями оценки надёжности банка для партнёров, обеспечиваются ведением отчётности по международным стандартам. По итогам 2019 года, Банк первым в нашей стране подготовил финансовую отчетность в соответствии с МСФО-9. Также ведутся активные работы по обеспечению кибербезопасности и внедрению современных технологий. Кроме того, с учетом ситуации в мире был пересмотрен порядок выдачи кредитов клиентам, которым нелегко было оплачивать их в связи с международным кризисом. Компаниям также были предоставлены ссуды для выплаты заработной платы и поддержания эксплуатационных расходов, чтобы производство продолжалось, несмотря на чрезвычайные преграды.

Банк последовательно предлагает корпоративным и розничным клиентам новые услуги. В их числе можно указать услуги «Интернет-банка» и сервис, предоставляющий клиентам банковские сейфы в аренду, виды микрозаймов для малых и средних предприятий, создание независимого аудиторского агентства, для приведения системы банковских карт в соответствие с международными стандартами.

Клиенты извлекли выгоду из внедрения новых продуктов, включая овердрафтный кредит по кредитной карте и онлайн-заявки на получение кредита, которые избавили от необходимости посещать банк. Также банк ввел банковскую карту под брендом «Milli Visa», которая приведет национальную платежную систему банка в соответствие с международными платежными системами, такими как технология бесконтактных платежей. В целях дальнейшего расширения сферы безналичных расчетов, а также для облегчения процесса оплаты и увеличения спектра товаров и

Bular bilen birlikde, telekeçiligi ösdürmek boýunça taslamalary durmuşa geçirmek üçin raýatlara hem-de kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine ýeňillikli karzlary bermek, ilatyň goýumlarynyň möçberlerini artdyrmak we dürli ulgamlardaky ykdysady taýdan bähbitli taslamalary karz serişdeleri bilen üpjün etmek ýaly maliýe hyzmatlarynyň elýeterlilik derejesiniň ýokarlandyrylmagy we görnüşleriniň artdyrylmagy ugrunda işler alnyp barylýar.

2020-nji ýylda bank halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlykda hususy pudagy goldamak boýunça alyp barýan işlerini işjeňleşdirdi, netijede, Amerikanyň «Deer Credit Inc.» kompaniýasy, OPEK gaznasy we Hususy pudagy ösdürmek boýunça Yslam korporasiýasy bilen birnäçe karz ylalaşyklaryna gol çekildi.

Türkmenistanyň Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetilmegine goşandyny nazara almak bilen, bank Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasy (BMGÖM) bilen işjeň hyzmatdaşlygyny dowam edýär.

Umuman, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky ýurduň bank ulgamynyň döremeginiň gözbaşynda durup, ygtybarly we durnukly hyzmatdaş hökmünde ösüşiň durnuklylygyny we maksada okgunly ýörelgelere eýerýändigini görkezýän bank hökmünde ýurtda we daşary ýurtlarda abraý gazandy.

Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga we ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga gönükdirilen özgertmeleri geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Jeren ERNEPESOWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň Meýilleşdiriş we seljeriş müdirliginiň başlygy

услуг с помощью онлайн-торговли, Банк ввел новую услугу «Электронная торговля».

В 2020 году Банк проделал большую работу по поддержке частного сектора в сотрудничестве с международными финансовыми организациями, в результате которой был подписан ряд кредитных соглашений с американской компанией «Deere Credit Inc», с фондом ОПЕК и с Корпорацией развития по развитию частного сектора, входящего в группу Исламского банка развития.

Внося свой вклад в достижение Туркменистаном Целей устойчивого развития, Банк осуществляет активное сотрудничество с Программой развития ООН.

В общем, Государственный банк внешнеэкономической деятельности Туркменистана стоял у истоков формирования банковской системы страны и последовательно завоевывал авторитет как внутри государства, так и за его пределами как надежный и устойчивый партнер, из года в год демонстрирующий стабильность в развитии и приверженность принципам добросовестного сотрудничества.

Желаем долгих лет жизни и крепкого здоровья нашему Герою-Аркадагу, осуществляющему успешные преобразования по улучшению благосостояния народа и укреплению экономического потенциала нашей страны!

**Джерен ЭРНЕПЕСОВА,**
начальник департамента Планирования и анализа Государственный банк внешнеэкономической деятельности Туркменистана

# MAÝA GOÝUM IŞINDE BANKLARYŇ ORNY

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda bazar gatnaşyklary esasynda ösüşiň täze belentliklerine ynamly barýan milli ykdysadyýetimizi dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň derejesine çykarmak wezipesi döwletimizi hemmetaraplaýyn ösdürmegiň döwlet we milli maksatnamalarynda anyk kesgitlenendir. Maýa goýum syýasaty milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde gazanylýan ýokary görkezijilerde uly orny eýeleýär.

2020-nji ýylda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna bahasy 8 milliard amerikan dollaryna golaý bolan 45 sany iri önümçilik we medeni-durmuş maksatly desgalar ulanylmaga berildi. Şu ýylda ykdysadyýete goýulmaly maýa goýumlar maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleri boýunça düýpli maýa goýumlarynyň möçberi 40 milliard manada golaýlaýar. Bu bolsa zawod-fabrikleriň, hassahanalaryň, saglyk merkezleriniň we öýleriniň, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň, mekdepleriň, medeniýet öýleriniň, dolandyryş merkezleriniň, täze şäherçeleriňdir ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyny hem-de durkuny täzelemegini öz içine alýar.

Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, ýurtlar ykdyysadyýetine maýa goýumlary çekmek we olary netijeli peýdalanmak bilen, ýokary ykdysady ösüş gazanýarlar. Ykdysadyýete döwlet, hususy we daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmeklik häzirkizaman tehnologiýalaryny we dolandyryş usullaryny ornaşdyrmaga mümkinçilik döredýär. Maýa goýumlar diňe, bir milli maliýe bazarlarynyň ösmegine ýardam bermek bilen çäklenmän, eýsem haryt we hyzmat bazarynyň ösmegine hem itergi berýär. Mundan başga-da,

# Роль банков в инвестиционной деятельности

В эпоху могущества и счастья нашего суверенного государства, под руководством уважаемого Президента задача по выведению нашей национальной экономики, уверенно выходящей на новые высоты развития на основе рыночных отношений, на уровень передовых стран мира, четко определена в государственных и национальных программах по всестороннему развитию нашей страны. Инвестиционная политика играет ключевую роль в высоких показателях, достигаемых в развитии нашей национальной экономики.

| Gaýry işjeňler<br>Прочие активы | 11 303 965,42 | 10 666 496,1 | 11 573 406,94 | *102,4* |
| **JEMI IŞJEŇLER / ВСЕГО АКТИВОВ** | **130 440 794,87** | **135 827 247,2** | **135 156 041,65** | ***103,6*** |
| **IŞJEŇ DÄLLER / ПАССИВЫ** | | | | |
| Hususy serişdeler<br>Собственные средства | 8 730 689,43 | 9 581 306,8 | 9 849 818,97 | *112,8* |
| Karz we çekilen serişdeler<br>Привлеченные и заемные средства | 107 606 363,72 | 110 440 483,2 | 108 949 757,03 | *101,2* |
| Karz çeşmeler boýunça şahamçalar bilen özara hasaplaşyklar<br>Взаимные расчеты с филиалами по кредитным ресурсам | 10 028 178,61 | 11 929 461,2 | 12 652 201,67 | *126,2* |
| Gaýry işjeň däller<br>Прочие пассивы | 4 075 563,11 | 3 605 996,0 | 3 704 263,98 | *90,9* |
| **JEMI IŞJEŇ DÄLLER / ВСЕГО ПАССИВОВ** | **130 440 794,87** | **135 827 247,2** | **135 156 041,65** | ***103,6*** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy*
*Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlaryň galyndylary barada maglumat*

### Информация об остатке задолжностей кредитов предоставленные кредитными учреждениями Туркменистана в национальной валюте предприятиям, организациям, населению*

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.03.2020 | | | | 01.01.2021 | | | | 01.03.2021 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | şol sanda / в том числе: | | | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | şol sanda / в том числе: | | | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | 01.03.2021 ý.<br>01.03.2020 ý.<br>%-de | şol sanda / в том числе: | | |
| | | Gysga möhletli<br>Краткосроч-ные | Uzak möhletli<br>Долго-срочные | Möhleti geçen<br>Просрочен-ные | | Gysga möhletli<br>Краткосроч-ные | Uzak möhletli<br>Долго-срочные | Möhleti geçen<br>Просрочен-ные | | | Gysga möhletli<br>Краткосроч-ные | Uzak möhletli<br>Долго-срочные | Möhleti geçen<br>Просрочен-ные |
| Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредиты предостовленные кредитными учреждениями Туркменистана в национальной валюте, предприятиям, организациям, населению | **61 545,4** | **2 866,4** | **55 297,6** | **3 381,4** | **70 322,8** | **4 042,2** | **65 839,6** | **441,1** | **71 359,5** | 115,9 | **3 031,6** | **67 891,7** | **436,1** |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalara we guramalara berlen karzlar<br>Кредиты, выданные предприятиям и организациям государственной собственности | **44 685,4** | 2 718,9 | 38 624,6 | 3 341,9 | **51 794,2** | 3 982,8 | 47 401,9 | 409,5 | **52 594,5** | 117,7 | 2 940,8 | 49 247,5 | 406,2 |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalara we guramalara berlen karzlar<br>Кредиты, предоставленные предприятиям и организациям негосударственной собственности | **4 937,0** | 138,7 | 4 768,1 | 30,2 | **5 440,4** | 47,7 | 5 367,7 | 25,0 | **5 663,1** | 114,7 | 45,6 | 5 593,2 | 24,2 |
| Raýatlara we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçilere berlen karzlar<br>Кредиты физическим лицам и предпринимателям без образования юридического лица | **11 923,1** | 8,8 | 11 904,9 | 9,3 | **13 088,2** | 11,7 | 13 070,0 | 6,6 | **13 101,9** | 109,9 | 45,2 | 13 051,0 | 5,7 |

* Faktoring, lizing amallarynyň galyndylary we olar boýunça möhleti geçen bergileri göz öňünde tutulmadyk

* Без учёта остатков факторинговых, лизинговых операций и их просроченных задолженностей

***Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций***

## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň ösüş depgini
### Темпы роста средств на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.03.2020 | | | 01.01.2021 | | | 01.03.2021 | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | 01.03.2021 ý.<br>01.03.2020 ý.<br>%-de |
| Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях | **40 794,00** | **15 937,42** | **56 731,42** | **39 075,56** | **14 608,54** | **53 684,10** | **38 102,47** | **14 382,90** | **52 485,37** | *92,5* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalaryň we guramalaryň hasaplaryndaky serişdeler<br>Средства предприятий и организаций государственной собственности | 18 789,90 | 14 846,20 | **33 636,10** | 19 078,74 | 13 460,16 | **32 538,90** | 20 194,49 | 13 411,44 | **33 605,92** | *99,9* |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaryndaky serişdeler<br>Средства предприятий, организаций негосударственной собственности и населения | 22 004,10 | 1 091,22 | **23 095,33** | 19 996,81 | 1 148,39 | **21 145,20** | 17 907,98 | 971,46 | **18 879,44** | *81,7* |
| şol sanda:<br>raýatlaryň we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçileriň hasaplaryndaky serişdeler<br>в том числе:<br>вклады физических лиц и предпринимателей без образования юридического лица | 9 265,24 | 372,08 | **9 637,32** | 7 454,74 | 478,58 | **7 933,32** | 6 255,57 | 487,47 | **6 743,03** | *70,0* |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора***

## Raýatlaryň Türkmenistanyň karz edaralaryndaky goýumlary
### Вклады населения в кредитных учреждениях Туркменистана

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.03.2020 | | | 01.01.2021 | | | 01.03.2021 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | 01.03.2021 ý. - 01.03.2020 ý.<br>%-de | Talap edilýänçä<br>До востребования | 01.03.2021 ý. - 01.03.2020 ý.<br>%-de | Möhletli<br>Срочные | 01.03.2021 ý. - 01.03.2020 ý.<br>%-de |
| Döwlet täjirçilik banklarynda<br>В государственных коммерческих банках | **2 492,1** | 2 167,8 | 324,3 | **2 619,9** | 2 304,5 | 315,4 | **2 334,4** | *93,7* | 2 024,6 | *93,4* | 309,8 | *95,5* |
| Paýdarlar täjirçilik banklarynda<br>В акционерно-коммерческих банках | **238,1** | 206,4 | 31,7 | **664,8** | 543,1 | 121,6 | **628,3** | *263,8* | 505,2 | *244,7* | 123,1 | *388,4* |
| Daşary ýurt banklarynyň şahamçalarynda<br>В филиалах иностранных банков | **4,2** | 3,2 | 1,0 | **1,7** | 1,7 | - | **0,7** | *15,6* | 0,7 | *20,5* | - | - |
| **Jemi / Итого** | **2 734,4** | **2 377,4** | **357,0** | **3 286,4** | **2 849,4** | **437,0** | **2 963,3** | *108,4* | **2 530,5** | *106,4* | **432,9** | *121,2* |

* Türkmenistanyň Prezidentiniň 2020-nji ýylyň 9-njy oktýabryndaky 1951 belgili karary esasynda Türkmenistanyň «Halkbank» döwlet täjirçilik bankynyň guramaçylyk-hukuk görnüşi üýtgedilip, Türkmenistanyň «Halkbank» paýdar täjirçilik bankyna öwrüldi.

* Постановлением Президента Туркменистана от 9 октября 2020 года № 1951 организационно-правовая форма Государственного коммерческого банка Туркменистана «Халкбанк» изменена на акционерный коммерческий банк Туркменистана «Халкбанк».

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора***

## 2021-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan terminallar, bankomatlar hem-de bank kartlary boýunça maglumat
## Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана терминалах, банкоматах и банковских картах по состоянию на 1 марта 2021 года

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкомат | Terminallar<br>Терминал | Ahal welaýaty<br>Ахалский велаят | | | Aşgabat<br>Ашхабад | | | Balkan welaýaty<br>Балканский велаят | | | Daşoguz welaýaty<br>Дашогузский велаят | | | Lebap welaýaty<br>Лебапский велаят | | | Mary welaýaty<br>Марыйский велаят | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы |
| Türkmenistanyň Merkezi banky<br>Центральный банк Туркменистана | 1 | 6 | 1 | | 1 | | 1 | 1 | 1 | | 1 | | | 1 | | | 1 | | | 1 | |
| Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB<br>ГКБТ «Туркменистан» | 883 702 | 435 | 8 017 | 59 635 | 41 | 935 | 420 544 | 202 | 3 332 | 133 102 | 64 | 1 193 | 61 697 | 27 | 475 | 94 678 | 49 | 1 033 | 114 046 | 52 | 1 049 |
| Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» DTB<br>ГКБТ «Туркменбаши» | 483 283 | 357 | 5 407 | 6 674 | 7 | 95 | 174 546 | 91 | 1 211 | 109 278 | 81 | 896 | 31 844 | 35 | 730 | 89 427 | 76 | 1 207 | 71 514 | 67 | 1 268 |
| Türkmenistanyň «Halkbank» PTB<br>АКБТ «Халкбанк» | 428 768 | 144 | 8 123 | 28 372 | 11 | 878 | 165 565 | 67 | 2 406 | 26 386 | 5 | 675 | 30 687 | 10 | 1 079 | 104 713 | 25 | 1 587 | 73 045 | 26 | 1 498 |
| Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB<br>ГКБТ «Дайханбанк» | 1 647 524 | 1 035 | 8 469 | 251 659 | 183 | 1 049 | 25 716 | 18 | 522 | 94 378 | 89 | 1 146 | 412 010 | 196 | 1 486 | 376 940 | 266 | 2 334 | 486 821 | 283 | 1 932 |
| Türkmen-Türk PTB<br>Туркмено-Турецкий АКБ | 90 810 | 10 | 1 644 | | | | 87 009 | 5 | 1 101 | | | | 631 | 1 | 95 | 1 762 | 3 | 215 | 1 408 | 1 | 233 |
| «Rysgal» PTB<br>АКБ «Рысгал» | 104 193 | 20 | 2 514 | | | | 66 101 | 12 | 1 744 | 9 577 | 2 | 206 | 6 754 | 2 | 122 | 12 514 | 2 | 190 | 9 247 | 2 | 252 |
| «Senagat» PTB<br>АКБ «Сенагат» | 303 068 | 92 | 4 239 | 13 594 | 5 | 140 | 157 730 | 16 | 1 874 | 44 790 | 19 | 803 | 21 077 | 12 | 631 | 27 232 | 20 | 290 | 38 645 | 20 | 501 |
| TD Daşary ykdysady iş banky<br>Туркменвнешэкономбанк | 571 805 | 61 | 1 031 | | | | 533 623 | 38 | 809 | 38 182 | 18 | 222 | | 1 | | | 3 | | | 1 | |
| **Jemi / итого** | **4 513 154** | **2 160** | **39 445** | **359 934** | **248** | **3 097** | **1 630 835** | **450** | **13 000** | **455 693** | **279** | **5 141** | **564 700** | **285** | **4 618** | **707 266** | **445** | **6 856** | **794 726** | **453** | **6 733** |

*Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Автоматизации банковских работ*

## 01.01.2021 - 01.03.2021 seneler aralygynda bank kartlary boýunça nagt we nagt däl pul dolanyşygy
## Наличный и безналичный денежный оборот по банковским картам на период с 01.01.2021 по 01.03.2021 года

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Jemi / Итого | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Amallaryň sany<br>Количество операций | Nagt almak (manat) / Снятие наличных (манат) | | Nagt däl hasaplaşyk (manat) / Безналичный расчет (манат) | | | | |
| | | Bankomat üsti bilen<br>Через банкомат | Terminal üsti bilen<br>Через терминал | Bankomat üsti bilen<br>Через банкомат | Terminal üsti bilen<br>Через терминал | «Internet-bank» ulgamy arkaly<br>Через систему «Интернет-банк» | «Mobil-bank» ulgamy arkaly<br>Через систему «Мобильный-банк» | «Elektron-söwda» ulgamlary arkaly<br>Через системы «Электронной коммерции» |
| Türkmenistanyň Merkezi banky<br>Центральный банк Туркменистана | 11 408 | 4 607 255 | 582 211 | 284 200 | | | | |
| Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» DTB<br>ГКБТ «Туркменбаши» | 2 766 561 | 293 814 075 | 3728 | 3 212 040 | 232 625 765 | 2769 | 54 642 | |
| Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB<br>ГКБТ «Дайханбанк» | 3 799 345 | 728 380 400 | 25 714 694 | 17 024 043 | 245 105 144 | 7683 | 119 091 | |
| Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB<br>ГКБТ «Туркменистан» | 3 242 056 | 535 259 570 | 4 964 657 | 6 105 127 | 281 915 291 | 86 750 | 230 441 | 68 402 |
| Türkmenistanyň «Halkbank» PTB<br>АКБТ «Халкбанк» | 4 269 829 | 273 658 340 | 11 490 372 | 5 260 223 | 237 002 728 | 13 645 | 114 957 | 51 517 024 |
| «Senagat» PTB<br>АКБ «Сенагат» | 759 800 | 90 762 360 | 625 768 | 2 370 085 | 128 613 192 | 26 155 | 668 470 | |
| Türkmen-Türk PTB<br>Туркмено-турецкий АКБ | 359 462 | 9 689 640 | 487 012 | 35 127 | 77 202 247 | | 29 566 | 1 037 |
| «Rysgal» PTB<br>АКБ «Рысгал» | 343 274 | 62 149 540 | | | 140 921 005 | | | |
| TD Daşary ykdysady iş banky<br>Туркменвнешэкономбанк | 249 757 | 70 780 830 | | | 26 281 742 | | | 33 722 |
| **Jemi / Итого** | **15 801 492** | **2 069 102 010** | **43 868 443** | **34 290 846** | **1 369 667 114** | **137 002** | **1 217 168** | **51 620 185** |

*Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Автоматизации банковских работ*

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2021-nji ýylyň 25-nji ýanwaryndaky 26-iş belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2021-nji ýylyň 25-nji fewralynda 1499 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alyndy**

## Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2014-nji ýylyň 4-nji iýulynda çykaran 281-iş belgili buýrugy bilen tassyklanylan Karz edaralarynda pulhana amallaryny ýöretmegiň tertibi barada Düzgünnama üýtgetmeler girizmek hakynda

«Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» hem-de «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde hereket edýän karz edaralarynda bankomatlary nagt pullar bilen üpjün etmek, olary inkassirlemek we olara hyzmat etmek boýunça geçirilýän işleriň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, buýurýaryn:

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2014-nji ýylyň 4-nji awgustynda 785 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan «Karz edaralarynda pulhana amallaryny ýöretmegiň tertibi barada Düzgünnamany tassyklamak barada» Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2014-nji ýylyň 4-nji iýulynda çykaran 281-iş belgili buýrugy bilen tassyklanylan Karz edaralarynda pulhana amallaryny ýöretmegiň tertibi barada Düzgünnamada:

1) ýazgysynda karz edarasynyň ýolbaşçysyna salgylanmany karz edarasynyň başlygyna salgylanma bilen çalşyrmaly;

2) iki ýüz otuz üçünji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

«233. Bankomatlaryň kadaly işlemegini we nagt pullar bilen üpjün edilmegini gazanmak, bankomatyň seýfiniň kodly gulpunyň gizlin koduny çalyşmak, bankomatlarda dörän jedelli amallary öz wagtynda seljermek, bankomatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bagly çäreleri öz wagtynda ýerine ýetirmek, bankomatlarda wideogözegçilik ýazgylaryň dogry alnyp barylyşyna we talaba laýyk saklanylyşyna yzygiderli gözegçiligi üpjün etmek, bankomatlaryň daşky we içki arassaçylygyny gazanmak maksady bilen, karz edarasynyň başlygynyň ýazmaça görkezmesi esasynda degişli işgärleriň topary bellenilip, olara öz aralarynda wezipe borçlary paýlanylýar hem-de bankomatlara hyzmat etmek wezipesi ýüklenilýär. Bellenilen işgärleriň wezipe borçlaryny ýerine ýetirmegi karz edaralarynyň degişli içerki kadalary arkaly düzgünleşdirilmelidir.

Bankomatlara tehniki hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi karz edaralarynyň degişli işgärleri ýa-da şertnama esasynda hyzmat ediji ýöriteleşdirilen beýleki edaralar tarapyndan amala aşyrylyp bilner.

Şu bölegiň birinji tesiminde bellenilen degişli işgärleriň bankomat bilen işlemegi üçin olara bankomat bilen işlemäge ýörite kartoçkalar berkidilýär ýa-da bankomatyň içine daşyndan keseki adamlaryň aralaşmagyny çäklendirýän gaýry usullar ulanylýar.»;

3) iki ýüz otuz bäşinji - iki ýüz otuz dokuzynjy böleklerini şu görnüşde beýan etmeli:

«235. Her bir bankomata şu aşakdakylar berkidilýär:

bankomatyň dolandyryş modulynyň açary;

bankomatyň seýfiniň gulpunyň açary;

bankomatyň seýfiniň kodly gulpunyň gizlin kody;

bankomatyň seýfiniň kodly gulpunyň gizlin koduny üýtgetmek üçin açar;

hyzmat karty;

hyzmat kartynyň PIN-kody.

236. Pulhana müdirine şu aşakdakylar berkidilýär:

bankomatyň seýfiniň gulpunyň açary;

hyzmat karty;

hyzmat kartynyň PIN-kody;

bankomatyň seýfiniň kodly gulpunyň gizlin koduny üýtgetmek üçin açar.

Bankomatyň gündelik işinde ulanylýan ähli açarlary, PIN-kodlary we hyzmat kartlary pulhana müdi-

riniň seýfinde beýleki gymmatlyklardan aýratyn haltada ýa-da penalda saklanylmalydyr.

Pulhana müdiri Bankomatyň seýfiniň gulpunyň açarynyň, seýfiniň kodly gulpunyň gizlin koduny üýtgetmek üçin açaryň hem-de hyzmat kartynyň we onuň gizlin kodunyň kabul edilişini-tabşyrylyşyny hasaba alyş kitabyny (şu Düzgünnama 31-nji goşundy) ýöretmelidir.

237. Bankomatyň dolandyryş modulynyň açary we seýfiniň kodly gulpunyň gizlin kody karz edarasynyň degişli müdirliginiň (bölüminiň) başlygynyň seýfinde onuň şahsy jogapkärçiliginde saklanylýar hem-de olaryň hereketini gözegçilikde saklamak üçin Bankomatyň dolandyryş modulynyň açarynyň we seýfiniň kodly gulpunyň gizlin kodunyň kabul edilişini-tabşyrylyşyny hasaba alyş kitaby (şu Düzgünnama 32-nji goşundy) ýöredilýär.

Bankomatlara pul serişdeli kassetalary goýmak, çykarmak ýa-da başga sebäplere görä olary açmak işleri degişli müdirligiň (bölümiň) tehniki operatory (mundan beýläk - operator) tarapyndan amala aşyrylýar. Operator bankomatyň dolandyryş modulynyň açaryny we seýfiniň kodly gulpunyň gizlin koduny müdirligiň (bölümiň) başlygy tarapyndan ýöredilýän Bankomatyň dolandyryş modulynyň açarynyň we seýfiniň kodly gulpunyň gizlin kodunyň kabul edilişini-tabşyrylyşyny hasaba alyş kitabyna gol çekmek arkaly alýar we tabşyrýar.

238. Bankomatyň açarlarynyň, seýfiniň kodly gulpunyň gizlin kodunyň we hyzmat kartynyň PIN-kodlarynyň dublikatlary her bankomat üçin aýratyn haltalarda karz edarasynyň pul gaznasynda saklanylmalydyr.

Karz edarasynda bankomatlaryň ähli açarlarynyň, hyzmat kartlarynyň we olaryň PIN-kodlarynyň, bankomatlaryň seýfleriniň kodly gulplarynyň gizlin kodlarynyň tabşyryş we kabul ediş işlerini bellige almak üçin niýetlenilip tutulan Bankomatyň seýfiniň gulpunyň açarynyň, seýfiniň kodly gulpunyň gizlin koduny üýtgetmek üçin açaryň hem-de hyzmat kartynyň we onuň gizlin kodunyň kabul edilişini-tabşyrylyşyny hasaba alyş kitaby, Bankomatyň dolandyryş modulynyň açarynyň we seýfiniň kodly gulpunyň gizlin kodunyň kabul edilişini-tabşyrylyşyny hasaba alyş kitaby karz edarasynyň başlygynyň we baş buhgalteriniň gollary çekilip we möhürlenilip, bellenilen tertipde ýöredilmelidir.

239. Bankomatlaryň seýflериniň kodly gulplarynyň gizlin kodlary we hyzmat kartlarynyň PIN-kodlary diňe bankomaty işe girizmäge we saklamaga ygtyýarly edilen işgärlere belli bolmalydyr. Şunuň bilen, ygtyýarly edilen operator bankomatyň seýfiniň kodly gulpunyň gizlin kody bilen tanyşanyndan soňra müdirligiň (bölümiň) başlygyna, pulhanaçy bolsa, bankomatyň hyzmat kartynyň PIN-kody bilen tanyşanyndan soňra pulhana müdirine gaýtarýarlar.

Bankomatyň seýfiniň kodly gulpunyň gizlin koduny çalyşmaklyk karz edarasynyň operatory tarapyndan (pulhanaçynyň hökman gatnaşmagynda) amala aşyrylýar.

Bankomatyň seýfiniň kodly gulpunyň gizlin kody ýylda bir gezek, şeýle hem bankomatyň seýfiniň kodly gulpunyň gizlin koduny ulanýan işgär işden çykarylanda, çetleşdirilende ýa-da başga işe geçirilende çalşyrylmaga degişlidir.»;

4) iki ýüz kyrkynjy böleginiň üçünji tesiminiň birinji sözlemini şu görnüşde beýan etmeli:

«Pulhana müdiri pulhanaça Bankomatyň seýfiniň gulpunyň açarynyň, seýfiniň kodly gulpunyň gizlin koduny üýtgetmek üçin açaryň hem-de hyzmat kartynyň we onuň gizlin kodunyň kabul edilişini-tabşyrylyşyny hasaba alyş kitabynda gol çekdirmek bilen bankomatyň seýfiniň gulpunyň açaryny, seýfiniň kodly gulpunyň gizlin koduny üýtgetmek üçin açary, hyzmat kartyny we onuň gizlin koduny berýär, şeýle hem karz edarasynyň degişli müdirliginiň (bölüminiň) başlygy operatora Bankomatyň dolandyryş modulynyň açarynyň we seýfiniň kodly gulpunyň gizlin kodunyň kabul edilişini-tabşyrylyşyny hasaba alyş kitabynda gol çekdirmek bilen bankomatyň dolandyryş modulynyň açaryny we seýfiniň kodly gulpunyň gizlin koduny berýär.»;

5) iki ýüz kyrk ikinji böleginiň birinji tesimini şu görnüşde beýan etmeli:

«242. Pulhanaçy tarapyndan bankomatyň seýfinden kassetalary çykarmak üçin bankomatyň seýfiniň gulpuna açar salynýar, operator tarapyndan bankomatyň seýfiniň kodly gulpunyň gizlin kody girizilýär.»;

6) iki ýüz kyrk üçünji we iki ýüz kyrk dördünji böleklerini şu görnüşde beýan etmeli:

«243. Pulhanaçy operatoryň gatnaşmagynda kassetalary gezekli-gezegine açýar we ondaky (olar bar bolsa) kupýuralary sanaýar. Pulhanaçy we operator bankomatyň çegindäki maglumatlary nagt pullaryň hakyky galyndysy bilen deňeşdirýärler. Pulhanaçy bankomatyň çegi esasynda çykarylan pul barada Bankomata nagt pullaryň goýluşyny we galyndylaryň çykarylyşyny hasaba alyş we gözegçilik ediliş ki-

tabynda (şu Düzgünnama 33-nji goşundy) ýazgy edýär. Operator «Bankomatyň balansy barada çap edilen çek boýunça berlen banknotlaryň sany» we «Bankomatyň balansy barada çap edilen çek boýunça banknotlaryň galyndysy» setirlerinde gol çekýär.

Bankomata nagt pullaryň goýluşyny we galyndylaryň çykarylyşyny hasaba alyş we gözegçilik ediliş kitaby karz edarasynyň başlygynyň we baş buhgalteriniň gollary çekilip we möhürlenilip, bellenilen tertipde ýöredilmelidir.

244. Bankomatlardaky nagt pullary deňeşdirip barlamagyň netijesinde aratapawut ýüze çykan ýagdaýynda, pulhanaçy tarapyndan «Bankomatyň balansy barada çap edilen çek boýunça banknotlaryň görkezijileriniň bankomatdaky banknotlaryň hakyky galyndysy bilen aratapawudy» ýazylýar we her setirde gol çekilýär.»;

7) iki ýüz kyrk ýedinji - iki ýüz elli ikinji böleklerini şu görnüşde beýan etmeli:

«247. Pul serişdeleri bankomata goýlandan (çykarylandan) soňra, pulhanaçy Bankomata nagt pullaryň goýluşyny we galyndylaryň çykarylyşyny hasaba alyş we gözegçilik ediliş kitabyny barlag geçirmek üçin gözegçä (buhgaltere) geçirýär. Pulhanaçy bankomatyň seýfiniň gulpunyň açaryny, seýfiniň kodly gulpunyň gizlin koduny üýtgetmek üçin açary, hyzmat kartyny we onuň gizlin koduny Bankomatyň seýfiniň gulpunyň açarynyň, seýfiniň kodly gulpunyň gizlin koduny üýtgetmek üçin açaryň hem-de hyzmat kartynyň we onuň gizlin kodunyň kabul edilişini-tabşyrylyşyny hasaba alyş kitabynda bellik etmek arkaly pulhana müdirine, operator bolsa, bankomatyň dolandyryş modulynyň açaryny we seýfiniň kodly gulpunyň gizlin koduny Bankomatyň dolandyryş modulynyň açarynyň we seýfiniň kodly gulpunyň gizlin kodunyň kabul edilişini-tabşyrylyşyny hasaba alyş kitabynda bellik etmek arkaly karz edarasynyň degişli müdirliginiň (bölüminiň) başlygyna tabşyrýar.

248. Müşderiler tarapyndan bank kartlary arkaly bankomatlaryň üsti bilen amallar geçirilende dürli sebäplere görä (aragatnaşyk işinde bökdençligiň döremegi, bankomatlaryň işinde ýalňyşlyklar, bank kart saklaýjylaryň ýalňyş hereketleri, prosessiň guramasynyň işinde dörän bökdençlikler we beýleki ýagdaýlar) jedelli amallar döräp biler.

Prosessiň guramasy ekwaýriňi amala aşyrmak bilen baglanyşykly jedelli amallary düzgünleşdirmek babatda içki namany kabul etmelidir hem-de prosessiň guramasynyň ähli gatnaşyjylarynyň dykgatyna ýetirmelidir.

Karz edaralarynda bankomatlaryň jedelli amallaryna seretmek boýunça jogapkär işgär - gözegçi (buhgalter) bolýar we ol jedelli amallar boýunça degişli işleri alyp barýar. Gözegçi (buhgalter) bank kartynyň eýesiniň nägileligini çözmek ýa-da bankomatlaryň jedelli amallaryna bilelikde seretmek boýunça zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda pulhanaçyny we operatory bu işe çekip bilýär we zerur bolan halatynda bankomata nobatdan daşary inkassasiýa etmegi guraýar.

Gözegçi (buhgalter) Bankomata nagt pullaryň goýluşyny we galyndylaryň çykarylyşyny hasaba alyş we gözegçilik ediliş kitabyndaky pullaryň jemini amal gününiň netijesi boýunça çykarylan balansdaky galyndy bilen deňeşdirýär. Maglumatlar gabat gelýän bolsa, Bankomata nagt pullaryň goýluşyny we galyndylaryň çykarylyşyny hasaba alyş we gözegçilik ediliş kitabyna gol çekýär.

Gözegçi (buhgalter) bankomatdan çykarylan pul serişdeleriniň möçberine orderde «№__ bankomatdan çykarylan nagt pullary» diýip görkezmek bilen, girdeji pulhana orderini resmileşdirýär.

249. Bankomata nagt pullaryň goýluşyny we galyndylaryň çykarylyşyny hasaba alyş we gözegçilik ediliş kitabynda görkezilen pullaryň jemi amal gününiň netijesi boýunça çykarylan balansda görkezilen jemler bilen gabat gelmese, gözegçi (buhgalter) pulhanaçyny we operatory bu işe çekmek bilen, ýüze çykarylan aratapawudyň döremeginiň sebäbini seljermek boýunça iş geçirýär. Seljermäniň netijesinde «№__ bankomat boýunça gabat gelmezligiň namasy» düzülip, onda gabat gelmezligiň sebäpleri barada anyk maglumatlar görkezilýär.

«№__ bankomat boýunça gabat gelmezligiň namasyna» şu aşakdaky resminamalar goşulmalydyr:

bankomata pullary inkassasiýa etmek işleri geçirilip başlamanka, onuň balansy baradaky çap edilen çegiň nusgasy;

bankomatyň kagyz görnüşindäki žurnal lentasynyň degişli bökleriniň nusgasy;

prosessiň guramasynyň «Bankomatyň amal döwründe dörän jedelli amallaryň sanawy» atly hasabatynyň nusgasy;

prosessiň guramasynyň «Bankomat üsti bilen geçirilen amallaryň sanawy» atly hasabatynyň nusgasy;
zerur bolan beýleki resminamalar.

«№__ bankomat boýunça gabat gelmezligiň namasynda» bankomatyň belgisi, onda inkassasiýa işleriniň amala aşyrylan senesi we ýüze çykarylan ýetmezçilikleriň ýa-da artykmaçlyklaryň möçberleri, bankomatda amal döwrüniň başlanýan we tamamlanýan seneleri, jedelli amallara degişli bank kart saklaýjylaryň familiýasy, ady, atasynyň ady, jedelli amallary seljermek üçin ulanylan maglumatlar we resminamalar, namanyň tassyklanan senesi we nama goşulýan goşundylaryň sany görkezilýär. «№__ bankomat boýunça gabat gelmezligiň namasyna» gözegçi (buhgalter), pulhanaçy we operator tarapyndan gol çekilenden soň, karz edarasynyň başlygynyň (ýa-da orunbasarynyň) garamagyna berilýär we onuň rugsady esasynda degişli işler amala aşyrylýar.

«№__ bankomat boýunça gabat gelmezligiň namasy» bellenen tertipde karz edarasynda saklanylýar we Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2020-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda 1398 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, «Türkmenistanyň Merkezi bankynda we karz edaralarynda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynda görkezilýän amallara degişli resminamalary saklamak üçin saýlap arhiwe tabşyrmak boýunça işleri guramak we geçirmek hakynda Gözükdirijini tassyklamak barada» Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2020-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda çykaran 261-iş belgili buýrugy bilen tassyklanylan, Türkmenistanyň Merkezi bankynda we karz edaralarynda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynda görkezilýän amallara degişli resminamalary saklamak üçin saýlap arhiwe tabşyrmak boýunça işleri guramak we geçirmek hakynda Gözükdirijä laýyklykda çatylýar.

250. Bankomatyň jedelli amallaryny seljermek işleri jedelli amaly öz içine alýan bankomata inkassasiýa işleri geçirilenden soňra amala aşyrylmalydyr.

Jedelli amaly seljermek üçin şu aşakdaky maglumatlar we resminamalar ulanylýar:

bankomata pullary inkassasiýa etmek işleri geçirilip başlamanka, onuň balansy barada çap edilen çegiň nusgasy;

bankomatyň kagyz görnüşindäki žurnal lentasynyň degişli bölekleriniň nusgasy;

prosessiň guramasynyň «Bankomatyň amal döwründe dörän jedelli amallaryň sanawy» atly hasabatynyň nusgasy;

prosessiň guramasynyň «Bankomat üsti bilen geçirilen amallaryň sanawy» atly hasabatynyň nusgasy;

Bankomata nagt pullaryň goýluşyny we galyndylaryň çykarylyşyny hasaba alyş we gözegçilik ediliş kitaby;

bankomatyň balans hasaby we zerur bolan beýleki resminamalar.

251. Bankomatyň jedelli amallaryny seljermegiň möhleti şol jedelli amaly öz içine alýan bankomatyň inkassasiýa hyzmatlary amala aşyrylandan soň, 10 (on) iş gününden köp bolmaly däldir we seljerme gaýragoýulmazdan, müşderileriň arzalaryna garaşmazdan amala aşyrylmalydyr.

Jedelli amallar boýunça pul serişdeleriniň gaýtarylyp berilmegi ähli saklanan ýygymlaryň möçberleri bilen bilelikde nagt däl görnüşinde amala aşyrylmalydyr.

252. Bankomatyň žurnal lentasynyň çykarylmagy operator tarapyndan oňa täze kagyz rulony goýlanda, bankomatdan pullar çykarylanda we beýleki ýagdaýlarda amala aşyrylýar. Žurnal lentasynyň hasaby pulhanaçy tarapyndan ýöredilýär we her bankomat boýunça aýratynlykda her aýyň žurnal lentalary (rulonlary) aýry-aýry torba (içine yşyk geçirmeýän) salynyp, torbanyň agzy kendir ýüpi bilen daňylýar. Soňra torbanyň (haltanyň) ýüzüne ýarlyk çatylyp, ýarlykda žurnal lentasynyň (rulonyň) degişli bankomatynyň belgisi, žurnal lentalarynyň (rulonlaryň) torba (halta) gaplanan senesi, žurnal lentasynyň (rulonyň) sany, torba (halta) salnan žurnal lentalarynyň (rulonlaryň) amal geçirilen degişli aýy we pulhanaçynyň goly hem-de şahsy möhürçesi bolmalydyr. Soňra torbanyň (haltanyň) agzy kendir ýüpi bilen daňylyp, plombadan geçirilip ýene-de düwülýär we plombalanýar. Maliýe ýylynyň tamamlanmagy bilen bu resminamaly torbalar (haltalar) bellenilen tertipde karz edarasynyň arhiwine tabşyrylýar.»;

8) iki ýüz elli altynjy böleginiň ikinji tesimini aýyrmaly;

9) 31-33-nji goşundylaryny şu görnüşde beýan etmeli:

**“Karz edaralarynda pulhana amallaryny ýöretmegiň tertibi barada Düzgünnama 31-nji goşundy**

__________________________________________

karz edarasynyň ady

__________________________________________

bölümiň ady

BANKOMATYŇ SEÝFINIŇ GULPUNYŇ AÇARYNYŇ, SEÝFINIŇ KODLY GULPUNYŇ GIZLIN KODUNY ÜÝTGETMEK ÜÇIN AÇARYŇ HEM-DE HYZMAT KARTYNYŇ WE ONUŇ GIZLIN KODUNYŇ KABUL EDILIŞINI-TABŞYRYLYŞYNY HASABA ALYŞ
**KITABY**

Ýazgylar kitap doly gutarýança geçirilýär

9) 31-33-nji goşundylaryny şu görnüşde beýan etmeli:

**“Karz edaralarynda pulhana amallaryny ýöretmegiň tertibi barada Düzgünnama 31-nji goşundy**

_______________________________
karz edarasynyň ady

_______________________________
bölümiň ady

BANKOMATYŇ SEÝFINIŇ GULPUNYŇ AÇARYNYŇ, SEÝFINIŇ KODLY GULPUNYŇ GIZLIN KODUNY ÜÝTGETMEK ÜÇIN AÇARYŇ HEM-DE HYZMAT KARTYNYŇ WE ONUŇ GIZLIN KODUNYŇ KABUL EDILIŞINI-TABSYRYLYŞYNY HASABA ALYŞ

**Karz edaralarynda pulhana amallaryny ýöretmegiň tertibi barada Düzgünnama 32-nji goşundy**

________________________________________

karz edarasynyň ady

________________________________________

bölümiň ady

BANKOMATYŇ DOLANDYRYŞ MODULYNYŇ AÇARYNYŇ WE SEÝFINIŇ KODLY GULPUNYŇ GIZLIN KODUNYŇ KABUL EDILIŞINI-TABŞYRYLYŞYNY HASABA ALYŞ **KITABY**

Ýazgylar kitap doly gutarýança geçirilýär

**Karz edaralarynda pulhana amallaryny
ýöretmegiň tertibi barada Düzgünnama
32-nji goşundynyň dowamy
(kitabyň içki sahypasy)**

| № | Bankomat № (ID) | Senesi | Bankomatyň dolandyryş modulynyň açary | | Bankomatyň seýfiniň kodly gulpunyň gizlin kody | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | geçirdi | aldy | geçirdi | aldy |
| 1. | | | | | | |

**Karz edaralarynda pulhana amallaryny ýöretmegiň tertibi barada Düzgünnama 33-nji goşundy**

____________________________________________
karz edarasynyň ady

____________________________________________
bölümiň ady

BANKOMATA NAGT PULLARYŇ GOÝLUŞYNY WE GALYNDYLARYŇ ÇYKARYLYŞYNY HASABA ALYŞ WE GÖZEGÇILIK EDILIŞ
**KITABY**

Ýazgylar kitap doly gutarýança geçirilýär

**Karz edaralarynda pulhana amallaryny ýöretmegiň tertibi barada Düzgünnama 33-nji goşundynyň dowamy (kitabyň içki sahypasy)**

| № | Puluň goýlan/ çykarylan senesi we wagty | №____ bankomatdaky nagt pullar | | | | | | Kassetalar boýunça puluň umumy möçberi (manatda) | Gollary | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Puluň goýluşynyň/ çykarylyşynyň görkezijileri | Kasseta №1 | Kasseta №2 | Kasseta №3 | Kasseta №4 | Redžekt kasseta | | Pulhanaçy | Tehniki operator |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 |
| 1. | | Goýluşy | | | | | | | | ------ |
| 2. | ------ | Banknotyň nominaly | | | | | ------ | ------ | | ------ |
| 3. | ------ | Goýlan banknotlaryň sany | | | | | ------ | | | ------ |
| 4. | ------ | Bankomatyň kassetalarynyň pul möçberleri barada bankomata edilen ýazgy | | | | | ------ | ------ | ------ | |
| Barlandy: gözegçi ________________ | | | | | | | | | | |
| 5. | | Çykarylyşy | | | | | | | | ------ |
| 6. | ------ | Bankomatyň balansy barada çap edilen çek boýunça berlen banknotlaryň sany | | | | | | | | |
| 7. | ------ | Bankomatyň balansy barada çap edilen çek boýunça banknotlaryň galyndysy | | | | | | | | |
| 8. | ------ | Gaýtadan sanama netijesinde banknotlaryň galyndysy | | | | | | | | ------ |
| 9. | ------ | Bankomatyň balansy barada çap edilen çek boýunça banknotlaryň görkezijileriniň bankomatdaky banknotlaryň hakyky galyndysy bilen aratapawudy | | | | | | | | ------ |
| Barlandy: gözegçi ________________ | | | | | | | | | | |

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň orunbasarlary, Pul dolanyşygy we emissiýa kassa amallary, Buhgalter hasaby we hasabatlar, Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş, Bank gözegçiligi, Auditor gullugy müdirlikleriniň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Inkassasiýa müdirliginiň, Merkezi gaznanyň we Hukuk gullugynyň başlyklary gözegçilik etmeli.

# Türkmenistanyň Merkezi banky
## Центральный банк Туркменистана

BANK HABARLARY
БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
№2 - 2021

2021-nji ýylyň 1-nji mart ýagdaýyna
на 1 марта 2021 года

Žurnal satuwa degişli däl

Esaslandyryjy – Türkmenistanyň Merkezi banky
Aşgabat ş., Bitarap Türkmenistan şaýoly, 36
Tel.: 38-10-27, faks: 92-08-12

Учредитель – Центральный банк Туркменистана
г. Ашхабад, пр. Битарап Туркменистан, 36
Тел.: 38-10-27, факс: 92-08-12

**TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKYNYŇ GYMMAT BAHALY METALLAR WE GYMMAT BAHALY DAŞLAR BARADAKY KOMITETI**

# «TÜRKMENALTYN»

**Aşgabat ş., «Zümerret» zergärçilik önümçilik merkezi,**
**Bitarap Türkmenistan şaýoly, 137/1.**
**Tel.: (+8 0012) 95-56-57**

**Aşgabat ş., «Türkmenaltyn» zergärçilik merkezi,**
**Türkmenbaşy şaýoly, 77.**
**Tel.: (+8 0012) 22-27-56**

**Mary ş., «Tumar Türkmenaltyn» dükany,**
**Mollanepes köçesi, 45, «Türkmenistan» DTB.**
**Tel.: (+8 00522) 3-91-85, 6-74-62**

**Türkmenabat ş., «Altyn älemi» dükany,**
**Bitarap Türkmenistan köçesi, 40.**
**Tel.: (+8 00422) 3-45-76**

**«Göwher Türkmenaltyn» dükany,**
**Balkanabat ş., Uzboý köçesi, Bagt köşgi.**
**Tel.: (+8 00222) 4-05-93**